# «Kim aýdýar aýralyk ajy zat diýip…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Kim aýdýar aýralyk ajy zat diýip…" «KIM AÝDÝAR AÝRALYK AJY ZAT DIÝIP…»



Kim aýdýar aýralyk ajy zat diýip?
Dogry, agyr zatdyr, ýegşerer gerden.
Emma, süýji zatdyr, kijijek pursat,
Ömür möhürlenip kalbyňa, aňa,
Ykbal manysyna öwrüler her dem.
Şatlyk baýramyňda kemis zadyňydyr,
Gaýgyly mahalyň süýji ýatlamaň.
Käte-de bu dünýäň baryndan geçip,
Ýeke ädim ädip, kesip, ölçerip,
Galýan ädimiňdir soňun ätlemän…

Şonda hem arzuwlañ çyrpynar ýene,
Emma, ertäñ ýollaryña kerepdir.
Agalp unutmaga synaşsañ-da sen,
Öçürmäge dem alamazlyk gerekdir.

Dogry,
Gözden ýitirse-de seni ummanda,
Boýun al, gark etmän saklaýan salmy?
Kim aýdýar aýralyk ajy zat diýip,
Kalbyñda öçmejek yz goýup giden,
Bu ömrüñ iñ süýji pursady dälmi?

Ahmet ARAZOW Goşgular